Dünýäniň iň beýik heýkeli adyny alan Jebislik heýkeli Hindistanda ýerleşip, onuň beýikligi 182 m. Ol ABŞ – daky Azatlyk heýkelinden hem iki esse beýikdir. Bu monument desgasy Hindistanyň iň görnükli syýasy liderleriniň biri bolan Sardar Wallabbhaý Pateliň hormatyna bina edilendir. Heýkel bürünçden ýasalyp, demirbeton esasda oturdylandyr. Şunlukda onuň umumy beýikligi 240 m beýiklige baryp ýetýär.
Bahar ybadathanasynyň Buddasy heýkeli Hytaýyň Luşan welaýatynyň Tsaosun şäherinde ýerleşýär. Bu ägirt uly heýkeliň beýikligi 128 m deň bolup, ýörite materialdan taýýarlanan "gülden örülen tegelek münberde" oturdylan. Bu bolsa monumentiň beýikligini 153 m çenli ulaldýar. Ýene-de onuň üstüne baýryň beýikligini hem goşsak, desga jemi 208 m beýikligi emele getirýär. Heýkel misden we polatdan ýasalyp, onuň bezegi üçin 100 kg çenli altyn sarp edilipdir.
Garuda-Wişnu-Kençana heýkeli Indoneziýanyň  adybir parkynda ýerleşendir. Ol Wişnanyň öz Garuda atly guşunda uçup barýan heýkeli bolup, Indonez heýkeltaraşy N'oman Nuarto tarapyndan bina edilendir. Jemi beýikligi 121 m bolan bu heýkeliň oturdylan ýörite münberi 46 m beýiklikdedir. Desganyň gurluşygyna 25 ýyl wagt sarp edilip, 2018- nji ýylyň güýzünde dabaraly ýagdaýda açyldy. Onuň gurluşygynda mis, polat hem-de demirbeton materiallar ulanylandyr.



Все права защищены

save pdf date >>> 23.11.2024



**Rozygül SEÝIDOWA**
**Türkmen döwlet binagärlik-gurluşyk institutynyň talyby**

Все права защищены

save pdf date >>> 23.11.2024